# Bagtly gün

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bagtly gün BAGTLY GÜN

Iň bagytly günüm haýsy gün diýip,
Geçen gün – sahypa, gatyn agdaryp,
Tapdym ahyr, agyr ýadawlyk duýup,
Şeýle ýadamazdym, meger, dag ýaryp,

Ol, ata sowgadyn alan günümdir,
Kiçijikkäm daş ýerlerden getiren,
Ýa-da esger wagtym mähriban gyzyň –
Salamyny hat üstünden ýetiren.

Meger şol günümdir açyp hatyny,
Setirlerin okap kalba siňdiren,
Ilkinji perzende lak atyp belki,
Pursadymdyr aglanynda diňdiren.

Ilki eje diýen günümmi ýa-da,
Guwandyryp, men mähriban ejemi.
Ýa ilkinji söýgi atanda oda –
Yşka düşüp ýatylmadyk gijemi?!

Jogabyny tapdym agyr oýumyň,
Ol, doglan günümle kelläme gelli,
Ýyly elli dokuz, fewral aýynyň,
24-i güni – bagtly sen Illi. Goşgular